# Aýatolla Hamaneýe kim jogap bererkä?

Category: Kitapcy,Publisistika,Sözler
написано kitapcy | 25 января, 2025
Aýatolla Hamaneýe kim jogap bererkä? AÝATOLLA HAMANEÝE KIM JOGAP BERERKÄ?




*Daşaryk giňelmekde we aýratynam ABŞ-nyň Yragy okkupirlemeginden bäri režim üçin wagt ýöränok diýen ýaly. Ne yza ädim ädip, ne öňe gidip, ne-de üýtgeşmeler bilen bile ýaşap bilýär.*

Eýranda protest demonstrasiýalary dowam edip durka, Eýranyň dini lideri Ali Hamaneý «rewolýusiýany eksport etme» strategiýasy bilen öwünip, Yrakda, Siriýada, Liwanda «rewolýusiýanyň ýaýylandygyny» we «ABŞ-nyň şu üç ýurtda ýeňilendigini» aýtdy.

Ol aýratynam, «Eýranyň sebitdäki strategik giňelmesini we çuňlugyny» soňlandyrmak maksady bilen Yragy, Siriýany, Liwany, Liwiýany, Sudany, Somalini çökertjek bolýan «amerikan pirimini» göz öňüne tutdy. Bu beýanatda üstünde durulmaly käbir zatlar bar…

Hamaneýiň ýegeni Farida Muradhani eýranlylary «daýysynyň» sözlerine jogap berme aladasyndan dyndaryp, bir wideoýazgy paýlaşdy.

Gürrüňi edilýän wideoçykyşda Farida daýysynyň baştutanlygyndaky ygtyýarlylary «ýaşlary öldürmekden çekinmeýän gandar režim» hökmünde aýyplady we daşary ýurt

hökümetlerini Tähran bilen ähli gatnaşyklaryny kesmäge çagyrdy.
Elbetde, Muradhaniden öňem Eýranyň dürli ýerlerinden aýatollanyň sözlerine protest jogaplary berildi. Bu protestler molla režiminiň kellesini çaşyrdy we ony gapma-garşylykly ýagdaýa düşürdi.




*Farida Muradhani*
Režimiň elinde indi hut aýatollanyň öz agzy bilen aýdyşy ýaly sebitiň hemme ýerini heläkçilige salan daşary giňelmeden başga öwüner ýaly zady galmady.
Emma bärde şeýle sorag bar:
Yrakda, Liwanda, Siriýada, Sudanda we hatda Liwiýada Hamaneýiň Eýranyň Liwiýadaky rolundan söz açan pursatlaryndan birine – Hamaneýe resmi taýdan kim jogap bererkä?
Edil häzir halkara arenasynda bu barada berlen beýanat barmy?
Eýranyň Liwiýada goldaýan toparlary kimler?
Hamaneýiň içine syzmak we rewolýusiýany eksport etmek bilen öwünýän arap ýurtlary hakda aýdanda bolsa, bu ýurtdaky haýsy ygtyýarly orta çykyp, aýatollanyň beýanatyna ýumruk çenäp, ýurdunyň azat bolmalydygyny we eýran giňelmesine, bagyşlaň, has dogrusy, basybalyjylygyna garşydygyny aýdarka?
Hamaneýiň beýanatynda Ýemenden söz açylmazlygy ünsi çekiji. Munuň iki dürli sebäbi holup biler:
Ilkinji nobatda Hamaneý režiminiň goldaýan husi terrorçylygynyň netijelerini boýnuna alasy gelmeýär. Şol sanda halkara seslenmelerinden gaça durup, günbatarly çepçi mediýa bilen bir heňde Ýemen konfliktini diňe saudlaryň öz meselesi ýaly etmäge çytraşýan bolmagy ahmal.

Ikinjisi bolsa, Hamaneý režimi Yrakda edişi ýaly goňşulyk hak-hukuklaryny ýa-da halkara kada-kanunlary äsgermeýşi ýaly haýsydyr bir ylalaşykda dogry hereket etmese-de, Saud Arabystany bilen täzeden ylalaşyklar tapgyry mümkinçiligine açylan gapyny açyk goýmak isläbem biler.
Hamaneýiň soňky çykyşynda ABŞ bilen ylalaşyga geljek bolmagyň bihudadygyny we mundan netije gazanyp bolmajagyny aýtmagy ünsi çekijidir.
Bu bolsa, režimiň reforma geçirmejekdigini we diňe aşa radikal ýollar bilen diri galyp biljekdigini görkezýär.
Ýokarda sananlarymyzyň barsy molla režiminiň kellesiniň bulaşyk ýagdaýdadygyny we orta atyp biljek täze inisiatiwasynyň ýokdugyny görkezýär.
Onsoňam, daşaryk giňelmekde we aýratynam ABŞ-nyň Yragy okkupirlemeginden bäri režim üçin wagt ýöränok diýen ýaly. Ne yza ädim ädip, ne öňe gidip, ne-de üýtgeşmeler bilen bile ýaşap bilýär.
Bu üýtgeşmeleriň iň wajyby-da häzirki režimiň ýurduň içinde we Hamaneýiň «rewolýusiýanyň ýaýrandygyny» aýdýan ýerlerinde islenmeýänligidir.
Şaýylaryň Yrakda, Liwanda hamaneý režimini islemeýändigi we Hamaneýiňem ör turup, şu iki ýurt boýunça beýanat bermehi Yragy hem-de Liwany hemme zatdan beter kynçylyga salýar.
Hut şonuň üçinem, ady agzalan ygtyýarlylaryndan kim orta çykyp, Hamaneýiň aç-açan Liwany okkupirländigi we Yragy ýer bilen ýegsan edendigi hakda aýdan sözlerine jogap bermäge milt edip bilerkä?

Taryk ALHOMAÝED,
Saud Arabystanly žurnalist, «Şarkul-Awsat» gazetiniň öňki baş redaktory.

Penşenbe, 01.12.2022 ý. Publisistika